#100 (122)
среда, 23 ноября 2022 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана





# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

18-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere, şeýle-de käbir resminamalaryň taslamalaryna garaldy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibini yglan edip, ilki bilen, Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa söz berdi. Ol ýurdumyzyň Esasy Kanunynyň ýörelgelerine hem-de halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda alnyp barylýan kanun çykaryjylyk işi barada maglumat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu ýylyň 12-nji noýabrynda Mejlisiň altynjy çagyrylyşynyň ýigrimi birinji maslahaty geçirildi. Maslahatda "Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň, şeýle hem "Türkmenistanyň 2021-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi hakynda" Mejlisiň kararynyň taslamalaryna garaldy. "Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanuny Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň garamagyna ugradyldy.

Şeýle-de ministrliklerden we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryndan gelip gowuşýan teklipler esasynda ýurdumyzyň ykdysady, syýasy, medeni durmuşynyň dürli ugurlaryna degişli kanun taslamalaryny taýýarlamak boýunça işler dowam etdirilýär. Mejlisiň wekilleri degişli döwlet edaralary bilen bilelikde halkara guramalar tarapyndan guralan hem-de döwlet dolandyryşynyň usulyýetiniň esaslary, adam we ynsanperwer hukuklar babatda halkara borçnamalaryň ýerine ýetirilişi, logistika, ulag düzümlerini ösdürmek, howanyň üýtgemegi bilen bagly töwekgelçilikleri azaltmak we uýgunlaşma çäreleri bilen baglanyşykly maslahatlara, duşuşyklara gatnaşdylar.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygynyň orunbasary K.Babaýew türkmen jemgyýetiniň hukuk esaslaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Häzirki wagtda Milli Geňeşiň Mejlisiniň altynjy çagyrylyşynyň ýigriminji we ýigrimi birinji maslahatlarynda kabul edilen Kanunlar boýunça Halk Maslahatynyň degişli komitetlerinde ara alyp maslahatlaşmalar we seljerme işleri geçirilýär.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow 11-nji noýabrda Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň çakylygy boýunça Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisine hormatly myhman hökmünde gatnaşdy we çykyş etdi. Gahryman Arkadagymyzyň sebit howpsuzlygyny üpjün etmek, ulag, energetika, ekologik abadançylygy berkarar etmek, musulman ýurtlaryndan bolan bosgunlara kömek bermek, medeni-ynsanperwer gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek boýunça öňe süren teklipleri Samarkant sammitine gatnaşyjylar tarapyndan gyzgyn goldanyldy. Özbegistan Respublikasyna saparynyň barşynda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygynyň Türki dünýäniň ýokary ordeni bilen sylaglanylmagy hormatly Arkadagymyzyň halkara jemgyýetçilikdäki belent abraý-mertebesiniň aýdyň nyşanydyr.

12-nji noýabrda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Mary welaýatynda iş saparynda bolup, pagtaçylar we gallaçylar bilen duşuşdy, olaryň hal-ýagdaýy, zähmet şertleri bilen gyzyklandy. Şeýle-de hormatly Arkadagymyz "Marygallaönümleri" önümçilik birleşiginiň çörek önümleri kärhanasyna baryp gördi we ýurdumyzyň syýasy partiýalarynyň ýolbaşçylarynyň, welaýatyň häkiminiň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew 29-30-njy noýabrda Aşgabat şäherinde Türkmen-awstriýa bilelikdäki toparynyň nobatdaky 11-nji mejlisini hem-de onuň çäklerinde işewürlik maslahatyny geçirmäge taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, bu çärelere, esasan, agajy, plastik we demir önümleriniň gaýtadan işleýän senagat pudaklary, oba we suw hojalygy, azyk senagaty, saglygy goraýyş we beýleki pudaklar üçin ýokary tehnologiýaly enjamlary öndürýän maşyngurluşyk kärhanalarynyň wekilleriniň gatnaşmagy göz öňünde tutulýar. Şeýle-de olara sanly ulgam, elektron programma üpjünçiligi, daşky gurşawy goramak, medeniýet, ylym-bilim ugurlarynda iş alyp barýan kompaniýalar gatnaşar. Forumyň meýdançalarynda türkmen işewürleriniň hem-de Awstriýanyň kompaniýalarynyň wekilleriniň arasynda ikitaraplaýyn duşuşyklaryň we gepleşikleriň birnäçesini geçirmek meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Türkmenistanyň Awstriýa bilen däp bolan dostlukly gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga möhüm ähmiýet berýändigini belledi. Şol gatnaşyklaryň okgunly ösmegi taraplaryň uzak möhletleýin esasda hyzmatdaşlyk etmäge çalyşýandyklaryny tassyklaýar. Netijeli söwda-ykdysady gatnaşyklar döwletara hyzmatdaşlygyň ýokary derejesiniň aýdyň görkezijisidir. Awstriýanyň türkmen bazarynda eýeleýän ornuny giňeltmäge çalyşýan uly işewür toparlaryň wekilleri bilen köpýyllyk ysnyşykly gatnaşyklar munuň anyk subutnamasydyr. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Ýewropanyň bu ýurdy bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmekde netijeli gural hökmünde Türkmen-awstriýa bilelikdäki toparynyň möhüm ornuny belledi. Hormatly Prezidentimiz Aşgabatda geçiriljek işewürlik maslahatynyň netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de okgunly ösdürmäge täze itergi berjekdigine ynam bildirip, wise-premýere bu çäreleri geçirmäge ýokary guramaçylyk derejesinde taýýarlyk görülmegini üpjün etmek babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Hasabatyň dowamynda wise-premýer käbir pudaklaýyn dolandyryş edaralaryndaky üýtgeşmeler göz öňünde tutulyp, Türkmen-awstriýa bilelikdäki toparynyň hem-de Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-azerbaýjan toparynyň türkmen böleginiň düzümi babatda degişli işleriň geçirilýändigini habar berdi.

Hormatly Prezidentimiz bu meselä ünsi çekip,

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ BIRLEŞEN ARAP EMIRLIKLERINE RESMI SAPARY

2022-nji ýylyň 21-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow resmi sapar bilen Birleşen Arap Emirliklerine ugrady.

Hormatly Prezidentimiziň uçary BAE-niň paýtagty Abu-Dabiniň Halkara howa menzilinde gondy. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Birleşen Arap Emirlikleriniň energetika we infrastruktura ministri Suheil Mohammed Al Mazrui we beýleki resmi adamlar mähirli garşyladylar. Soňra hormatly Prezidentimiz Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidentiniň köşgüne ugrady.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýan mähirli garşylady.

Döwlet Baştutanlary dostlukly salamlaşyp, Türkmenistanyň we BAE-niň Döwlet baýdaklarynyň öňünde resmi surata düşmek dabarasyna gatnaşmak üçin köşge bardylar.

Soňra uly mejlisler zalynda iki ýurduň wekiliýetleriniň gatnaşmagynda giňişleýin düzümdäki ýokary derejeli ikitaraplaýyn gepleşikler geçirildi.

BAE-niň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýan belent mertebeli myhmany ýene-de bir gezek mübärekläp, Türkmenistanyň Prezidentiniň saparyna we şu gezekki gepleşiklere döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak hem-de ösdürmek babatda uly ähmiýet berilýändigini belledi.

Mümkinçilikden peýdalanyp, BAE-niň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýan hormatly Prezidentimizi iň ýokary döwlet wezipesine saýlanmagy bilen ýene-de bir gezek gutlap, asylly we jogapkärli işinde üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow BAE-niň Prezidentine mähirli kabul edendigi we myhmansöýerlik üçin Türkmenistanyň wekiliýetiniň adyndan minnetdarlyk bildirdi hem-de Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň mähirli salamyny ýetirdi.

Döwlet Baştutanymyz bu saparynyň Türkmenistanyň Prezidenti hökmünde Birleşen Arap Emirliklerine ilkinji saparydygyny belläp, şu duşuşygyň dowamynda ikitaraplaýyn gatnaşyklara degişli meseleleriň giň toplumynyň ara alnyp maslahatlaşyljakdygyny, bu gatnaşyklary iki tarapyň hem mümkinçiligine, häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän täze derejä çykarmak barada pikir alşyljakdygyny nygtady.

Giňişleýin düzümdäki gepleşikler tamamlanandan soňra, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň we BAE-niň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýanyň gatnaşmagynda ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy. Dabaranyň dowamynda resminamalaryň uly toplumyna gol çekildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň BAE resmi saparynyň jemleri boýunça Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Bilelikdäki Beýannamasy kabul edilýär.

Soňra ýokary derejedäki ikiçäk duşuşyk geçirildi.

Türkmen-emirlikler hyzmatdaşlygynyň kuwwatyny has netijeli peýdalanmak, onuň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmaga gönükdirilen we ozal gazanylan ikitaraplaýyn ylalaşyklary durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly meseleler içgin ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şunda Türkmenistanda soňky ýyllarda amala aşyrylan birnäçe taslamalara BAE-niň gatnaşandygyny anyk mysal hökmünde getirmek bolar. Birleşen Arap Emirlikleriniň maýa goýum we



maliýe edaralary, hususan-da, Abu-Dabiniň ösüş gaznasy bilen netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Bilim, ylym, medeniýet we sport ulgamlary hem türkmen-emirlikler hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlarydyr.

Şeýle-de taraplar sebit we ählumumy gün tertibiniň özara gyzyklanma bildirilýän ugurlary, ilkinji nobatda, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek bilen bagly meseleler boýunça pikir alyşdylar.

Duşuşygyň ahyrynda döwlet Baştutanlary ynanyşykly, dostlukly we şol bir wagtyň özünde işjeň häsiýete eýe bolan, Türkmenistan bilen BAE-niň däp bolan hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmaga çalyşýandyklarynyň aýdyň subutnamasyna öwrülen bu gepleşikleriň netijelerine kanagatlanma bildirdiler.

Soňra Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow we Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýan ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasyna gatnaşyjylar bilen bilelikde ýadygärlik surata düşdüler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Birleşen Arap Emirliklerine resmi sapary dowam edýär.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*
olaryň işiniň ähmiýetini nygtady. Bu toparlaryň işi ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna we giňeldilmegine ýardam etmelidir diýip, döwlet Baştutanymyz wise-premýere bu ugurda degişli çäreleri görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hormatly Prezidentimiziň 21-22-nji noýabrda Birleşen Arap Emirliklerine meýilleşdirilen resmi saparyna taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi.

Şunuň bilen baglylykda, 1995-nji ýylyň oktýabrynda iki ýurduň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlandygy bellenildi. Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň arasyndaky Hökümet we daşary syýasat edaralarynyň ugry boýunça hem-de abraýly halkara guramalaryň çäklerinde yzygiderli gatnaşyklar ýola goýuldy. Ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk okgunly ösdürilýär, haryt dolanyşygynyň möçberini artdyrmak üçin uly mümkinçilikler bar. Şunda Hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki topara möhüm orun degişlidir. Häzirki wagtda Abu-Dabiniň ösüş gaznasy we BAE-niň beýleki maliýe düzümleri bilen bilelikde maýa goýum taslamalaryny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar.

Türkmenistan bilen BAE-niň arasynda ynsanperwer ulgamdaky, bilim, ylym we medeniýet ugurlaryndaky gatnaşyklar hem işjeň ösdürilýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna hormatly Prezidentimiziň öňümizdäki resmi saparynyň maksatnamasy hödürlenildi. Saparyň netijeleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalaryň birnäçesine gol çekmek göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygyň we abadançylygyň maksatlaryna laýyk gelýän netijeli halkara hyzmatdaşlyk strategiýasyna pugta ygrarlydygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň daşary syýasat ugruny durmuşa geçirmekde Ýakyn Gündogaryň ýurtlary bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmäge uly ähmiýet berilýändigini belläp, Birleşen Arap Emirlikleri bilen döwletara gatnaşyklaryň dostlukly häsiýetini kanagatlanma bilen nygtady. Uly kuwwatyň bolmagy ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek we diwersifikasiýalaşdyrmak, maýa goýum işini, işewürlik gatnaşyklaryny işjeňleşdirmek, medeni-ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmak, olary täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmak üçin amatly mümkinçilikleri döredýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, ýokary derejede geçiriljek gepleşikler häzirki döwrüň ýagdaýlaryny we uzak möhletleýin geljegi nazara almak arkaly Birleşen Arap Emirlikleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygyň esasy ugurlaryny kesgitlemäge, döwletara gatnaşyklary täze anyk many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga ýardam berer. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere, daşary işler ministrine Birleşen Arap Emirliklerine resmi sapara taýýarlyk görmegiň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mejlisiň dowamynda milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň mundan beýläk-de sazlaşykly ösüşine gönükdirilen birnäçe meselelere garalandygyny we degişli resminamalaryň kabul edilendigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisi jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, mähriban Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň bähbidine alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BAE-NIŇ MINISTRLER KABINETINIŇ BAŞLYGYNYŇ ORUNBASARY, PREZIDENTIŇ IŞ DOLANDYRYŞ MINISTRI BILEN DUŞUŞDY

2022-nji ýylyň 21-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirliklerine amala aşyrýan resmi saparynyň çäklerinde BAE-niň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan bilen duşuşdy.

Döwlet Baştutanymyz mähirli kabul edilendigi üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň mähirli salamyny ýetirdi.

Duşuşygyň dowamynda söwda-ykdysady gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň ähmiýeti nygtaldy, geljegi uly ugurlar, şol sanda ýangyç-energetika ulgamynda, nebiti gaýtadan işleýän, gazhimiýa senagaty we ulag ulgamy ýaly ugurlarda hyzmatdaşlygy giňeltmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan BAE-niň işewürler toparlarynyň öňdengörüjilikli ykdysady strategiýany üstünlikli durmuşa geçirýän Türkmenistan bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardyklaryny tassyklady.

Şeýle-de taraplar ulag ugry boýunça, hususan-da, deňiz, demir ýol we howa gatnawlary ulgamynda hyzmatdaşlygy giňeltmegiň möhümdigini bellediler. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Türkmenbaşy Halkara deňiz portuny dünýä deňiz portlary ulgamyna birikdirmek üçin Abu-Dabiniň Halkara deňiz porty bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň netijeli boljakdygyny aýtdy.

Söhbetdeşler Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň arasynda Hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki komitetiň işini has-da işjeňleşdirmegiň möhümdigini, iki ýurduň işewürler toparlarynyň wekilleriniň arasynda yzygiderli duşuşyklary geçirmegiň maksadalaýyk boljakdygyny bellediler.

Şeýle hem bilelikdäki banky döretmek we iki ýurtda-da onuň wekilhanalaryny açmak barada teklip beýan edildi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bu teklibi goldap, munuň üçin Türkmenistan tarapyndan ähli mümkinçilikleriň dörediljekdigini aýtdy.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow we BAE-niň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan hoşlaşanlarynda, gatnaşyklary giňeltmäge özara islegiň iki ýurduň halklarynyň bähbidine iş ýüzünde netijeli durmuşa geçiriljekdigine ynam bildirdiler.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BIRLEŞEN ARAP EMIRLIKLERINIŇ WISE-PREZIDENTI, PREMÝER-MINISTRI BILEN DUŞUŞDY



2022-nji ýylyň 21-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirliklerine resmi saparynyň çäklerinde Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti, Premýer-ministri, goranmak ministri, Dubaý emirliginiň häkimi Şeýh Mohammed bin Raşid Al Maktum bilen duşuşdy.

Döwlet Baştutanymyz mähirli kabul edilendigi üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, BAE-niň wise-prezidentine, Premýer-ministrine Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň salamyny ýetirdi.

Şeýh Mohammed bin Raşid Al Maktum belent mertebeli myhmany mähirli mübärekläp, Türkmenistanyň Baştutanynyň şu saparyna öz ýurdunda iki doganlyk halkyň dostlugyny pugtalandyrmagyň ýolundaky möhüm ädim, döwletara gatnaşyklaryň taryhynda täze sahypa hökmünde baha berilýändigini nygtady.

Duşuşygyň dowamynda özara hormat goýmak, birek-birege goldaw bermek ýörelgelerinde ýola goýulýan döwletara gatnaşyklary has-da pugtalandyrmagyň geljegi, şeýle-de birnäçe halkara we sebit meseleleri boýunça pikir alşyldy.

Duşuşygyň dowamynda söhbetdeşler netijeli hyzmatdaşlygyň ýagdaýyny we ony ösdürmegiň ýollaryny ara alyp maslahatlaşyp, däp bolan hyzmatdaşlygy onuň ägirt uly kuwwatyna laýyk gelýän hil taýdan täze derejä çykarmagy maksat edinýändiklerini aýtdylar. Hususan-da, BAE-niň Dubaý şäherinde türkmen halylarynyň söwdasyna ýöriteleşdirilen dükanyň açylmagyna üns çekildi.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, telekeçileriň arasynda hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy iki ýurduň söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň ösdürilmegi ugrunda ädilen ýene-de bir möhüm ädimdir. Şu babatda häzirki saparyň çäklerinde Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Söwda-senagat edaralary federasiýasynyň arasynda hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça işewürlik maslahatynyň geçiriljekdigi nygtaldy.

Şeýle-de medeni-ynsanperwer gatnaşyklara, ylym, bilim, medeniýet, sungat ýaly möhüm ugurlarda hyzmatdaşlygyň çuňlaşdyrylmagyna uly ähmiýet berilýär.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Şeýh Mohammed bin Raşid Al Maktum Türkmenistanyň we BAE-niň arasynda ýola goýlan doganlyk gatnaşyklarynyň ýokary derejededigini hem-de olary mundan beýläk-de işjeňleşdirmäge taýýardyklaryny ýene-de bir gezek belläp, däp bolan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň has-da pugtalandyryljakdygyna, täze mazmun bilen baýlaşdyrylyp, özara bähbitlilik, uzak möhletleýin esasynda ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

Интернет газета
Международные новости

# HORMATLY PREZIDENTIMIZIŇ BIRLEŞEN ARAP MIRLIKLERINE RESMI SAPARY TAMAMLANDY

22-nji noýabrda Birleşen Arap Emirliklerine resmi saparynyň ikinji gününiň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Türkmenistan - BAE» işewürlik maslahatynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

Irden hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň awtoulag kerweni dostlukly ýurduň işewürleri bilen duşuşygyň geçirilýän ýerine — kaşaň «St.Regis Abu Dhabi» myhmanhanasyna tarap ugrady. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy Birleşen Arap Emirlikleriniň daşary söwda boýunça döwlet ministri Tani bin Ahmed Al Zeýudi we BAE-niň Söwda-senagat edaralary federasiýasynyň başlygy Abdulla Al Mazrui mähirli garşyladylar.

Myhmanhananyň eýwanynda ýaýbaňlandyrylan, Türkmenistanda öndürilen dürli görnüşli önümleriň sergisi işewürlik maslahatyna gatnaşyjylarda uly gyzyklanma döretdi.

BAE-niň Söwda-senagat edaralary federasiýasynyň başlygy Abdulla Al Mazrui duşuşygy açyp, belent mertebeli türkmen myhmanyny tüýs ýürekden mübäreklәp, dünýäniň okgunly ösýän ýurtlarynyň biriniň Baştutany bilen duşuşmagyň özi we ýygnananlaryň ählisi üçin uly hormatdygyny nygtady.

Soňra Türkmenistanyň hormatly Prezidentine söz berildi.

Döwlet Baştutanymyz dostlukly ýurduň iri kompaniýalarynyň ýolbaşçylaryny mübäreklәp, 2012-nji ýylda döredilen Türkmenistanyň we Birleşen Arap Emirlikleriniň arasynda Hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki komitetiň, şeýle-de Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy bilen BAE-niň Söwda-senagat edaralarynyň federasiýasynyň arasyndaky işewürlik geňeşiniň hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň oňyn görnüşleri bolup durýandygyny nygtady.

Döwlet Baştutanymyz dostlukly ýurduň işewür toparlarynyň wekillerini iki döwletiň hem ägirt uly mümkinçiliklerine laýyk gelýän giň gerimli, özara bähbitli hakyky hyzmatdaşlyga çagyryp, çykyşynyň ahyrynda duşuşyga gatnaşyjylaryň ählisine berk jan saglyk, abadançylyk, işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň çykyşy uly üns bilen diňlenildi we şowhunly el çarpyşmalar bilen garşylanyldy.

Türkmenistanyň ykdysady we maýa goýum mümkinçilikleri barada gürrüň berýän ýörite wideoşekiller ýygnananlarda uly gyzyklanma döretdi. Bu wideoşekiller sahnada gurnalan monitorda görkezildi.

«Türkmenistan — BAE» işewürlik maslahatynyň çäklerinde geçirilen ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy forumyň örän netijeli häsiýete eýe bolandygyny tassykla̋dy.

Şeýle-de iki ýurduň telekeçilik düzümleriniň arasynda logistik hyzmatlary etmek we dürli eksport-import amallaryny geçirmek barada ylalaşyklar gazanyldy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow işewürlik maslahatyna gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşyp, awtoulagda Watan ugrunda wepat bolanlaryň hormatyna bina edilen «Wahat Al Karama» ýadygärlikler toplumyna tarap ugrady.

Hormatly Prezidentimiz Hormat garawulynyň esgerleriniň nyzamynyň öňünden geçip, ýadygärlige gül dessesini goýdy we Birleşen Arap Emirlikleriniň milli gahrymanlaryny hatyralady.

Döwlet Baştutanymyz ýadygärlikler toplumynyň Hormatly myhmanlar kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyrdy hem-de emirlikler tarapynyň wekilleri bilen surata düşdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň awtoulag kerweni Şeýh Zaýed metjidine tarap ugrady. Bu ýerde belent mertebeli myhmany metjidiň dolandyryş merkeziniň baş müdiri Ýusef Al Obaidli garşylady hem-de metjidiň içinde — merkezinde ýörite bellenen ýere geçdiler.

Hormatly Prezidentimiz Şeýh Zaýed metjidini synlanyndan soňra, çykalga tarap ugrady we Hormatly myhmanlaryň kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyrdy. Bu ýerde belent mertebeli myhmana şu metjit barada gürrüň berýän kitaplar sowgat berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow dostlukly ýurduň wekilleri bilen mähirli hoşlaşyp, Abu-Dabiniň Halkara howa menziline ugrady.

Şol ýerde Birleşen Arap Emirlikleriniň daşary söwda boýunça döwlet ministri Tani bin Ahmed Al Zeýudi bilen bolan söhbetdeşligiň barşynda hormatly Prezidentimiz türkmen wekiliýetiniň mähirli kabul edilendigi we myhmansöýerlik üçin ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirip, ýokary derejedäki gepleşikleriň, ikitaraplaýyn duşuşyklaryň hem-de «Türkmenistan — BAE» işewürlik maslahatynyň çäklerinde gazanylan ylalaşyklaryň däp bolan döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge täze itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirliklerine resmi saparyny tamamlap, Watanymyza ugrady.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI TÜRKIÝÄNIŇ BEÝIK MILLET MEJLISINIŇ BAŞLYGYNY KABUL ETDI



2022-nji ýylyň 18-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow öz ýurdunyň parlament wekiliýetine ýolbaşçylyk edip, Türkmenistana sapar bilen gelen Türkiýäniň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygy Mustafa Şentopy kabul etdi.

Ýüzbe-ýüz duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, myhman döwlet Baştutanymyza Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň aýdan hoşniýetli sözlerini we türkmen halkyna iberen arzuwlaryny ýetirdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň parlamentiniň ýolbaşçysyny Aşgabatda görýändigine şatdygyny aýdyp, däp bolan dostlukly döwletara gatnaşyklaryň ýokary derejä eýedigini we sazlaşykly ösdürilýändigini kanagatlanma bilen belledi. Prezident Rejep Taýyp Ärdogana iň gowy arzuwlaryny aýdyp, döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň ýyl-ýyldan täze mazmun bilen üsti ýetirilýän özara bähbitli türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk-de ösdürilmegine uly gyzyklanma bildirýändigini nygtady.

Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Türkiýäniň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygynyň Aşgabada saparynyň çäklerinde geçiriljek gepleşikleriň we duşuşyklaryň ikitaraplaýyn parlamentara gatnaşyklara täze itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Döwlet Baştutanymyza görkezilen hormat üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Türkiýäniň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygy öz tarapyndan iki ýurduň arasyndaky netijeli gatnaşyklaryň ösdürilmegine gönükdirilen parlamentara hyzmatdaşlygyň hemmetaraplaýyn berkidilmegi ugrunda mundan beýläk-de tagalla etjekdigini nygtady.

Parlamentara gatnaşyklar türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň möhüm bölegi bolup durýar. Şunda kanun çykaryjy edaralaryň ugry boýunça özara gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegine, duşuşyklaryň we geňeşmeleriň yzygiderli geçirilmegine aýratyn üns berilýär. Munuň özi hyzmatdaşlygyň häzirki zaman hukuk binýadyny döretmäge mümkinçilik berýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkiýäniň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygynyň ýurdumyza saparynyň bu ugurda möhüm ädime öwrüljekdigi bellenildi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Türkiýe Respublikasynyň parlamentiniň ýolbaşçysy Mustafa Şentop dostluk däplerine, taraplaryň hoşniýetli erkine esaslanýan döwletara hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de berkidiljekdigine, ählumumy abadançylygyň bähbidine has-da ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

# TÜRKMENISTAN WE TÜRKIÝE PARLAMENTARA GATNAŞYKLARYNY ÖSDÜRÝÄR

2022-nji ýylyň 18-nji noýabrynda paýtagtymyzdaky "Oguzkent" myhmanhanasynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň öz ýurdunyň parlament toparyna ýolbaşçylyk edip, sapar bilen Aşgabada gelen Türkiýäniň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygy Mustafa Şentop bilen duşuşygy boldy.

Mustafa Şentop Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň aýdan hoşniýetli sözlerini we doganlyk türkmen halkyna iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow, öz gezeginde, dostlukly ýurduň Baştutanyna iň gowy arzuwlaryny aýtdy we Türkiýe Respublikasy bilen özara gatnaşyklaryň berkidilmeginiň Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň möhüm ugry bolup durýandygyny belledi.

Soňra duşuşyk Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň wekilleriniň hem-de Türkiýäniň parlament wekiliýetiniň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdi.

Giňişleýin düzümdäki duşuşyk tamamlanandan soňra, ikitaraplaýyn resminama gol çekmek dabarasy boldy. Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Türkiýäniň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygy Mustafa Şentop Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahaty bilen Türkiýäniň Beýik Millet Mejlisiniň arasynda hyzmatdaşlyk boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekdiler.

Soňra dabaraly ýagdaýda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Türkiýäniň parlamentiniň ýolbaşçysyny "Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin" ordeni bilen sylaglamak hakynda Permany okaldy. Resminamada bellenilişi ýaly, Mustafa Şentop bu ýokary sylagyna döwletara hyzmatdaşlygyň mazmunyny baýlaşdyrmaga goşan goşandy üçin mynasyp boldy.

Döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygy boýunça ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Türkiýäniň parlamentiniň ýolbaşçysyna ýokary sylagy gowşurdy hem-de türk kärdeşini bu şanly waka bilen gutlap, oňa alyp barýan işlerinde geljekde-de üstünlikleri arzuw etdi.

Myhman bu belent sylag üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize özüniň hoşallygyny aýdyp, bu ýokary döwlet sylagyna türkmen-türk gatnaşyklarynyň ösdürilmegine berlen uly baha diýip düşünýändigini beýan etdi.

Türkiýäniň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygy Mustafa Şentop öz ýurdunyň parlament wekiliýetine ýolbaşçylyk edip, Türkmenistana amala aşyran saparynyň maksatnamasy tamamlanandan soňra, Aşgabadyň Halkara howa menziline gelip, bu ýerden Watanyna ugrady.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI EÝRAN YSLAM RESPUBLIKASYNYŇ NEBIT MINISTRINI KABUL ETDI

2022-nji ýylyň 16-njy noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasynyň nebit ministri Jawad Owjini kabul etdi.

Myhman duşuşmaga wagt tapandygy üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Seýed Ebrahim Raisiniň salamyny, bagt we abadançylyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, dostlukly ýurduň Baştutanynyň adyna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, şu ýyl şanly sene — iki döwletiň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy bellenilýär. Şunuň bilen baglylykda, özara hormat goýmak, ynanyşmak esasynda, iki halkyň ruhy ýakynlygynyň, gadymdan gelýän hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleriniň berk binýadynda guralýan köpýyllyk hyzmatdaşlygyň netijesi kanagatlanma bilen bellenildi.

Netijeli we oňyn ýagdaýda geçen duşuşykda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we myhman iki ýurduň milli ykdysadyýetleri üçin strategik häsiýete eýe bolan ýangyç-energetika pudagynda türkmen-eýran hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar.

Ägirt uly serişde we ykdysady kuwwata eýe bolan iki goňşy döwletiň geljekde-de deňhukuklylyk, özara bähbitlilik ýörelgelerinde däp bolan hyzmatdaşlygy giňeltmegi ugur edinýändigi bellenildi.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow we Eýran Yslam Respublikasynyň nebit ministri Jawad Owji soňky ýyllarda täze many-mazmuna eýe bolan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

Интернет газета
Международные новости

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ СУЛТАНА ОМАНА

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Султану Омана Хайсаму бин Тарику и всему народу страны по случаю Национального дня Султаната Оман.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил Султану Хайсаму бин Тарику пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Султаната Оман – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ЛАТВИЙСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Латвийской Республики Эгилсу Левитсу и всему народу страны по случаю Дня независимости Латвийской Республики.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава Туркменистана выразил Президенту Эгилсу Левитсу пожелания крепкого здоровья и благополучия, а народу Латвии – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ КАЗАХСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления Президенту Республики Казахстан Касым-Жомарту Токаеву в связи с его убедительной победой на выборах и переизбранием на пост Президента Республики Казахстан.

«Выбор, сделанный народом Казахстана, ещё раз свидетельствует о широком понимании и поддержке Вашего курса, который направлен на обеспечение дальнейшего социально-экономического развития страны. Убеждён, что под Вашим руководством Республика Казахстан достигнет ещё больших успехов, а также продолжит повышать свой авторитет на международной арене. Мы в Туркменистане высоко ценим Ваш личный вклад в развитие туркмено-казахстанских отношений и выражаем уверенность в продолжении конструктивного диалога и результативной совместной работы по дальнейшему наращиванию всего комплекса двусторонних связей во благо наших братских народов», – подчеркнул в своём послании глава Туркменского государства.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Касым-Жомарту Токаеву пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов в ответственной государственной деятельности, а братскому народу Республики Казахстан – мира, благополучия и процветания.

## ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ МИЛЛИ ГЕНГЕША ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ КАЗАХСТАН

Председатель Халк Маслахаты Милли Генгеша Гурбангулы Бердымухамедов от имени Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана и от себя лично направил искренние поздравления Президенту Республики Казахстан Касым-Жомарту Токаеву по случаю его переизбрания на пост Президента Республики Казахстан.

«Итоги выборов ярко продемонстрировали, что народ Казахстана полностью доверяет проводимому Вами политическому курсу, направленному на дальнейшее процветание страны. Достойны быть отдельно отмеченными Ваши личные заслуги в укреплении туркмено-казахстанских отношений. Убеждён, что и в дальнейшем совместными усилиями мы обеспечим последовательное развитие партнёрства между нашими странами и обогатим его новым содержанием во благо наших двух братских народов», – подчеркнул в своём послании Председатель Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана.

Пользуясь этой приятной возможностью, Председатель Халк Маслахаты Милли Генгеша Гурбангулы Бердымухамедов выразил Президенту Касым-Жомарту Токаеву пожелания крепкого здоровья и счастья, а братскому народу Республики Казахстан – мира, благополучия и процветания.

## В ТУРКМЕНИСТАНЕ СОСТОЯЛОСЬ ТОРЖЕСТВЕННОЕ ОТКРЫТИЕ ФЕСТИВАЛЯ ДРУЖБЫ ТУРКМЕНСКОГО И УЗБЕКСКОГО НАРОДОВ

16 ноября 2022 года в городе Дашогузе состоялось торжественное открытие Фестиваля дружбы туркменского и узбекского народов, призванного открыть новую страницу в истории взаимоотношений стран-соседей.

Представительную узбекскую делегацию, прибывшую в Дашогуз для проведения фестиваля дружбы, возглавил министр культуры Республики Узбекистан Озодбек Назарбеков.

Утром участники и гости фестиваля собрались на празднично украшенной площади перед великолепным зданием «Türkmeniň ak öýi» – местом проведения торжественной церемонии открытия фестиваля. По традиции узбекским друзьям хозяева преподносят хлеб-соль и угощают щедрыми дарами туркменской земли.

В церемонии открытия фестиваля принимают участие руководители и представители сферы культуры обоих государств, секретариата Национальной комиссии Туркменистана по делам ЮНЕСКО, общественных организаций и администрации Дашогузского велаята, почётные старейшины, журналисты, многочисленные гости, молодёжь.

Сегодня здесь развёрнута масштабная выставка работ ремесленников и мастеров изобразительного и декоративно-прикладного искусства двух стран. Сюжеты произведений – самобытные обычаи и традиции туркменского и узбекского народов, неповторимая красота природы, памятники истории и культуры, современная архитектура.

Церемония открытия фестиваля продолжилась под сводами великолепного зала. В торжественной обстановке зачитывается поздравительное Обращение Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова и Президента Республики Узбекистан Шавката Мирзиёева к участникам Фестиваля дружбы.

Программу состоявшегося затем концерта составили старинные и современные мелодии и песни, хореографические и фольклорные композиции, отражающие пронесённые сквозь века и бережно сохраняемые в наши дни самобытные обычаи и традиции туркмен и узбеков.

В завершение праздника дружбы артисты объединились в туркменском танце куштдепди, дошедшем до нас из глубины веков. Это яркое и зрелищное действо подчеркнуло древность корней и созидательную силу творческого единения братских народов.

Мощным финальным аккордом Фестиваля дружбы туркменского и узбекского народов прозвучала песня «Goý, baky ýaňlansyn dostluk aýdymy», подхваченная всеми участниками концерта.

Завтра в рамках Фестиваля дружбы туркменского и узбекского народов состоится ряд мероприятий, в том числе творческая встреча с туркменскими и узбекскими кинематографистами. Завершит программу творческого форума премьера спектакля «Ygrar ataşy» Государственного музыкально-драматического театра имени Нурмухаммета Андалиба Дашогузского велаята.

# НОВОСТИ ДИППРЕДСТАВИТЕЛЬСТВ ТУРКМЕНИСТАНА ЗА РУБЕЖОМ

### *Делегация Туркменистана приняла участие в заседании Комиссии по экономическим вопросам СНГ*

Туркменистан представлен на очередном заседании Комиссии по экономическим вопросам Содружества Независимых Государств, которое состоялось в Москве.

В ходе встречи участники обсудили развитие экономического и торгового сотрудничества государств – участников СНГ. В частности, рассмотрели внесение изменений в Соглашение о Правилах определения страны происхождения товаров в Содружестве от 20 ноября 2009 года, актуализацию идентификационных номер товаров в таможенных процедурах.

На повестке дня заседания также стояли вопросы углубления взаимодействия между Евразийской экономической комиссией, реализация Концепции сотрудничества государств – участников СНГ в области инновационного развития энергетики и разработки передовых энергетических технологий.

Участники также рассмотрели прогресс в области разведки, использования и охраны недр государств – участников Содружества, цифровую трансформацию геологической отрасли, развитие рынка страховых услуг.

Примечательно, что государства – участники СНГ вырабатывают и реализуют меры поддержки рынка страховых услуг, обеспечивая в частности укрепление сотрудничества и обмен опытом в сфере надзора и регулирования страховой и перестраховочной деятельности. Созданы и функционируют институты страхового рынка, сформированы экспортно-страховые агентства, осуществляющие страхование экспортных рисков, расширяются единые страховые базы данных.

### *Круглый стол по случаю 30 - летия дипломатических отношений между Румынией и Туркменистаном*

21 ноября 2022 года в Институте международных отношений МИД Туркменистана, в режиме видеоконференции, состоялся круглый стол, в честь 30-летия дипломатических отношений между Румынией и Туркменистаном.



В ходе мероприятия с речью выступили её участники: проректор по учебной работе Института международных отношений Г. Юсупова, Генеральный директор Румынского дипломатического института Лилиана Попеску-Бирлан, преподаватель кафедры международных отношений и дипломатии Института международных отношений Бегенч Караев, директор Департамента анализа политики Румынского дипломатического института Драгош Матееску, преподаватель кафедры международных отношений и дипломатии Института международных отношений Хемрагылыч Нурмамедов, а также научный сотрудник румынского университета Бабеш-Бойяи Ион Йосан.

Основной целью мероприятия была тема развития сотрудничества между Румынией и Туркменистаном в научной и культурно-гуманитарной сферах, поддержания взаимного стремления экспертного сообщества Румынии и Туркменистана в реализации совместных программ, проектов и обмена опытом исследовательской деятельности.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *В Ашхабаде состоялась церемония вручения Молодежной премии Туркменистана*

16 ноября – в день основания Молодежной организации Туркменистана имени Махтумкули в конференц-зале Центра общественных организаций Ашхабада состоялась традиционная церемония награждения Молодежной премией лучших представителей молодого поколения страны за достижения в области литературы, искусства, культуры, промышленности и сельского хозяйства, науки, техники, здравоохранения, образования и спорта.

В этом году в список лауреатов Молодежной премии, утвержденный Центральным советом Молодежной организации имени Махтумкули, вошли 75 молодых людей из всех регионов страны. Большая часть лауреатов – студенты высших учебных заведений страны, молодые специалисты, наиболее активно и результативно проявившие себя в различных отраслях экономики и социальной сферы Туркменистана, составляют вторую большую группу лауреатов Молодежной премии.

### *Стартовала Всемирная неделя правильного использования противомикробных препаратов*

С 18 по 24 ноября проходит Всемирная неделя правильного использования противомикробных препаратов. Это ежегодная глобальная кампания, инициированная Всемирной организацией здравоохранения, призвана повысить осведомлённость об устойчивости к противомикробным препаратам (УПП), содействовать сторонам, которым принадлежит ведущая роль в сокращении масштабов формирования и распространения УПП.

В мае 2015 года на 68-й сессии Всемирной Ассамблеи здравоохранения выработала глобальный план действий по решению вопросов устойчивости к противомикробным препаратам. В сентябре 2016 года Генеральная Ассамблея ООН приняла Декларацию по антимикробной устойчивости. Одной из ключевых целей вышеназванного плана является углубление понимания проблемы УПП посредством эффективной коммуникации, просветительской деятельности.

### *В Туркменистане отметили Всемирный день ребенка*

Каждый год 20 ноября во многих странах отмечается Всемирный день ребенка. Этот праздник был провозглашен Генассамблеей ООН 69 лет назад. В этот же день в 1959 году была принята Декларация прав ребенка, а 1989 году – Конвенция о правах ребенка. С тех пор этот праздник отмечают как день мирового братства и взаимопонимания детей. Отметили его в воскресенье и в Туркменистане серией информационно-просветительских кампаний.

Организаторами этих акций выступили Программа ЮСАИД «Безопасная миграция в Центральной Азии» в сотрудничестве с Союзом предпринимателей и промышленников страны, Информационно-ресурсным центром посольства США, Представительством УНП ООН в Туркменистане, ЮНИСЕФ, а также общественной организацией «Йенме». Одно из таких мероприятий вылилось в веселую просветительскую акцию в ашхабадском торгово-развлекательном центре «Беркарар».